# Şükürli goşgy

Category: Goşgular,Kitapcy
написано kitapcy | 26 января, 2025
Şükürli goşgy SÜKÜRLI GOŞGY

*(B.Hudaýnazarowyň äheňinde)*

Bäş müçäni geçirdim,
Nije gowga ötürdim.
Azmy-uz iş bitirdim,
Şükür, alhamdilalla!

Özüme berk da:radym,
Kötel ýola ýaradym.
Başym özüm çaradym,
Medet berensiň, Alla!

Ryzkymdan daşlaşmadym,
Nebse kowalaşmadym.
Joşup, hetden aşmadym,
Şükür, alhamdilalla!

Ýalandan aglamadym.
Ýalany halamadym,
Ejizläp nalamadym,
Medetkärimsiň, Alla!

Özgäň ryzkyn datmadym,
Halal duzum hakladym.
Ýüregim päk sakladym,
Şükür, alhamdilalla!

Ýamanlygy ýat tutman.
Ýagşylygy unutman,
Keseklä kesek atman,
Sygyndym, Kadyr-Alla!

Baýdak edip ynsaby,

Söýdüm halal ynsany.
Dokuz perzendiň sany,
Hem muňa şükür, Alla!

Jomartlygy oňladym,
Husytlygy geňledim.
Atam pendin diňledim,
Şükür, alhamdilalla!

Gedemlerden daş gaýdym,
Pes päli ýaran saýdym.
Ne gurpsyzdym, ne baýdym,
Şükür, alhamdilalla!

Goşulman hiç harama,
Ýaradym müň salama.
Çydam berdiň ýarama,
Hem goşup sabyr, Alla!

Herhal, ýatmadym bikär,
Aýpdyr bikär ýatsa är.
Etmediň jenaýatkär,
Müňde bir şükür, Alla!

Mätäje bolsam saýa,
Göz dikmedim serpaýa.
Toba etdim Hudaýa,
Şükür, alhamdülilla!

Bu durmuşy istedim.
Indem soňky islegim:
Azapsyzja gitsedim,
Şükürli, ýeňil, Alla!

2017 ý. Goşgular